## Jemgyýetçilik birleşiklerini we dini guramalary bellige almak

Döwlet sanawyna maglumatlary girizmek üçin şu resminamalar berilýär:

bellige almak hakyndaky arza;

Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan bellige alnandygy hakyndaky şahadatnamanyň nusgasy;

esaslandyryjylaryň çözgüdi (esaslandyrmak, tertipnamany (düzgünnamany) tassyklamak, ýolbaşçy bellemek);

iki nusgada esaslandyryş tertipnamasy (düzgünnamasy);

esaslandyryjynyň esaslandyryş resminamalarynyň nusgasy (edara görnüşli taraplar üçin);

hukuk salgysynyň tassyk haty (degişli şäher we etrap häkimlikleri tarapyndan berilýär);

ýolbaşçynyň şahsy kagyzy, pasportynyň nusgasy, wezipä bellenmegi baradaky buýrugyň nusgasy;

bellige alyş ýygymynyň tölenendigini tassyklaýan resminama;

Türkmenistanyň çäklerinden daşarda düzüm birliginiň -guramanyň, bölümiň (şahamçanyň), wekilligiň bardygyny tassyklaýan resminama (halkara jemgyýetçilik birleşigi bellige alnan ýagdaýynda);

daşary ýurt döwletiniň çäklerinde esaslandyrylan esasy jemgyýetçilik birleşiginiň esaslandyryş resminamalarynyň kepillendiriş edaralary tarapyndan güwä geçilen nusgasy (Türkmenistanyň çäklerinde daşary ýurt jemgyýetçilik birleşikleriniň düzüm birlikleri bellige alnan ýagdaýynda).